# Adamzadyñ soñsuz bilesigelijiligi: Başga saýýaralylar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Adamzadyñ soñsuz bilesigelijiligi: Başga saýýaralylar
ADAMZADYÑ SOÑSUZ BILESIGELIJILIGI: BAŞGA SAÝÝARALYLAR




ABŞ-nyñ Goranmak ministrligi-Pentagon geçen aýyñ ahyrynda gapbarçanaklar (uçýan legenler) boýunça beren beýannamasynda "näbelli uçýan närseler-UFO" sözüni ulandy welin, jedeller ýene möwjedi: Dünýämizden başga ýerde näbelli jandarlar barmy?
Ilkinji UFO megerem, b.e.öñki 467-nji ýylda hytaýly astronomlaryñ ýazga geçiren Halleý guýrukly ýyldyzydy. Myş-myşlaryñ yzy hiç haçanam kesilmedi. Başga saýýaralylaryñ metbugat organlaryñ ünsünden düşen wagty ýok…
Şeýle bir adamlar UFO-laryñ bardygyny öñe sürdi welin, olaryñ kimlerdigini bilseñiz haýranyñyz hekgerer:
NATO-nyñ öñki başlygy admiral Lord Hill-Norton, MRU-nyñ (CIA) öñki başlygy Roskou Hillenkotter, ABŞ-nyñ Howa goşunlary garnizonynyñ serkerdebaşysy general-maýor Artur Ekson, Kanadanyñ öñki Goranmak ministri Pol Hellýer, amerikaly senator Barri Goldwater, astronawtlar Gordon Kuper, Edgar Mişel ýaly nijemeleri…
William Reýç ýaly psihiatristlerem bar.
Geçen asyryñ 50-nji ýyllarynda Reýç birnäçe amerikaly ýaly näbelli gapbarçanaklaryñ bar bolma ähtimallygyndan ýiti täsirlendi.

Ýakyn taryhda adamzadyñ başga saýýaralylar bilen gyzyklanmasy haçan başlady? Mysal üçin.…
1938-nji ýylyñ 30-njy oktýabry.
Nýu-Ýorkuñ "CBS" radioýaýlymynda her hepde bir roman esasynda "radio oýun" berilýärdi. Şol gün agşam iñlis ýazyjysy Gerbert Uellsiñ "Dünýäleriñ urşy" romany seslendirilmelidi…
Tema marslylaryñ Ýer togalagyna çozmagy baradady!
Döwrüniñ iñ gowy artistleriniñ çykyş edýän "Merkuriý" teatrynyñ ýolbaşçysy beýik sungat işgäri Orson Uells romanda beýan edilenleriñ habarlar gepleşigi ýaly seslendirilmegini isledi…
Oýnuñ başynda "Bu bir ýöne radio oýundan ybarat, hakykat bilen hiç bilen baglanyşýan ýeri ýok" diýilse-de, oýnuñ dowamynda alyp baryjynyñ Mars saýýarasyndan meteorit ýagyp başlandygyny, ekin meýdanlarynyñ birine meteorit gaçandygyny, hadysanyñ bolan ýerinde marslylara gabat gelnendigini aýdýan ýeri diñleýjileri aýaga galdyrdy. Hususanam oýundaky "marslylar dünýäni zäherleýär" sözi adamlary aýylganç howatyrlandyrdy…
Nýu-Ýorkuñ içeri işler uprawleniýesi radioýaýlymyñ binasyna girip, dessine oýuny togtatdy. "Bu bir ýöne radio oýundan ybarat" diýlip, her on bäş minutdan ýatlatma duýduryşy berlenem bolsa, adamlaryñ añynda "dünýäni basyp alan başga saýýaralylar" düşünjesi galdy!
Başga ýurtlarda-da şuña meñzeş wakalar bolup geçdi. 1949-njy ýyl. Ekwadorda ýene şol roman esasynda goýlan radio oýun halky başagaýlyga saldy, ýigrimä golaý adam wepat boldy…

## ■ ILÝUMINATIÝ MERKEZI

Başga saýýaralar hakyndaky komplimasiýa teoriýalarynyñ iñ giñden ýaýran ýurdy gürrüñsiz ABŞ-dyr! Bu ýurtda köp kişi hökümetiñ ýa-da uly şereketleriñ hakykaty halkdan gizläp saklaýandygyna ynanýar.…
Meselem:
Newada çölüniñ 51-nji raýonyndaky Nellis kompleksi dünýäniñ iñ gizlin harby bazasydyr. Onuñ ýerleşýän ýeri hiç bir kartada görkezilmedik. Sebäbini-de bu harby bazanyñ başga saýýaralylar bilen ýakyn gatnaşykdadygy bilen düşündirilýär! Kosmos ulaglary şu ýerik gelip-gidip durlarmyş. Hatda 1974-nji ýylyñ 8-nji iýulynda Nýu-Meksika ştatynyñ Roswell şäheriniñ ýakynlaryna bir ekin meýdanyna düşwn gapbarçanagy gaýtadan

abatlamak üçin şol harby baza äkidipdirler. Birnäçe ýyl geçenden soň tapylan "gapbarçanagyň" bölekleriniň SSSR boýunxa "diňleýji çawuş" bolmagy göz öňüne tutulan "Project Mogul" atly gizlin harby operasiýada işe girizilende heläkçilige uçran howa ulagynyň bölekleridigi mälim edildi…
Şu ýerde ýörite durup geçeýin: Käbir adamlar Alýaskadaky Ýokary tolkunly täsirli Gün boýunça ylmy-barlag maksatnamasy (HAARP) kompleksiniň aň gözegçilik laboratoriýasydygyna ynanýar. Otuz üç at gaýtarym meýdanda 180-den gowak antenna bolmagynyň sebäbi-de şudy. "Columbia" kosmos dikuçaryny 2003-nji ýylda weýran edenem şu ýerdi. 2011-nji ýylsa Joplin gaý-tupanyny döredenem şu ýerdi. Sanasaň sogaby bar…
2011-nji ýylyň 22-nji maýy…
ABŞ-daky Denwer halkara howa menzilinde aň gözegçiligini amala aşyryp, hökümetleri we guramalary ele geçiren hut Ilýuminatiý merkezidi! Gonalga meýdanlarynyň ýokardan bakylanda haç şekilinde bolmagy-da munuň delilidi… Özem… Howa menziliniň daşyna aýlanan haýatyň diwarlarynyň içine gizlenip çekilen gaz maskaly nasist ofiseriň suratyna näme diýmeli?
Munuňam üstesine: Dakotada ýadro raketalaryna garşy 1975-nji ýylda açylan harby bazasy bolan Stenli R.Mikelsen adyndaky gorag kompleksi-de Ilýuninatiý merkezlerinden biridi!
Amerikanlaryň pikiriçe, 1913-nji ýyldan bäri ABŞ-nyň Demirgazyk Karolona ştatynyň Brown Mountain sebitlerinde görülen syrly yşyklaryň sebäbi-de Ilýuminatiden başga hiç zat däl. Ýeri bolýa, gürrüňi başga saýýaralylara dolap getireliň, ýogsam muňa meňzeş aýdylýan haýsy wakany sanap çykjak… Kän, gaty kän waka bar…
Birnäçe kişi hut gözi bilen UFO görendigine güwä geçdi…
"Näbelli uçýan jisimler" we başga saýýaralylar bilen baglanyşykly san-sajaksyz hekaýatlar aýdyldy…
Käbirleri kinofilmlere tema boldy.

## ■ ALNYP GAÇYLAN ÄR-AÝAL

1961-nji ýylyň 19-njy sentýabry.
Är-aýal Betti we Barneý Hiller ABŞ-nyň Nýu-Hempşir ştatynda

başga saýýaralylar tarapyndan alnyl gaçylandygyny aýtdylar! Hill maşgalasynyñ başyndan geçenler boýunça iki möhüm aýratynlyk birnäçe alymyñ gözünde wakany ynandyryjy görkezdi:
Birinjisi, Betti Hilliñ gipnozdan soñ çyzan ýyldyz kartasy. Betti munt özüne nämälim jandarlaryñ öñbaşçysynyñ görkezendigini aýtdy. Has soñra soñra karta boýunça geçirilen analiz arkaly munuñ dünýäden 30 ýagtylyk ýyly uzaklykda ýerleşýän "Zeta Retucili" ýyldyzlar toplumyna yşarat edendigi ýüze çykdy. Bu ýyldyzlar toplumyny 1969-njy ýylda çap edilen katalog çykýança hiç kim bilenokdy! Başga söz bilen aýdylanda, katalog Hilleriñ aýdanlarynyñ üstünden sekiz ýyl geçensoñ çap edildi.
Ikinjisi, Betti Hill "ýalan sözleme maşyny" testine oturdyldy. Ýyldyz kartasynda görkezen maglumatyny keseki barlyklardan alyp-almandygy, aýdýanlarynyñ ýalan bolup-bolmandygy soraldy. Bettiniñ beren jogaplary "ýalan sözleme maşyny" tarapyndan seljerilende, olarda hakykaty golaýlygyñ juda ýokarydygy belli boldy…
Bu birinji gezek bolýan zat däldi. Bäş ýoldaşynyñ gözüniñ öñünde 1975-nji ýylda alnyp gaçylan tokaý işçisi Trawis Waltonyñ başyndan geçenler 1993-nji ýylda kinofilme düşürdildi…

## ■ BAŞGA SAÝÝARYLARDAN GELEN SES BAR

1977-nji ýylyñ 15-nji awgusty.
ABŞ-nyñ kosmos gullugy NASA 1960-njy ýylda gurlan dünýäden daşary "SETI" maglumat gözleme taslamasynyñ işgäri astronom Jerri R.Ehman 310 metrlik "uly gulakly teleskop (The Big Ear) ulanyp, bir radisignal ýazga geçirdi. Ýetmiş iki sekunt dowam eden we otuz esse güýçli sesde: “Wow! Signal!” diýilýärdi. Gynansak-da, signal ikilenç ýañlanmandyr. Käbirleri munuñ başga saýýaralylaryñ sesi bolup biljekdigine ynandy. Resmi beýannama görä signal teleskopdaky bir näsazlykdan bolan zatdy!
Esasanam UFO ulaglaryny adamlar ýekelikde görýärler. 1988-nji ýylda Wirjiniýa ştatynyñ Witewill şäherinden tegelek üç müñ

adam gök ýüzünse parlaýan UFO görendiklerini aýtdylar. Muña şaýatlyk edýän hekaýatlar ýurtda uly gyzyklanma döretdi, emma görülen zadyñ nämedigini welin, hiç kim düşündirip bilmedi…
UFO baradaky meşhur hekaýatlardan birine Utah ştatynyñ Ballard Skinwalker posýology şaýarlyk etdi. Terri Şerman maşgalasynyñ UFO we geñsi yşyklary görendigini metbugata habar berdi. Olaryñ mellek ýerinde gapbarçanaklaryñ galdyran yzlary-da bar eken. Munuñ geñ galdyryjy tarapy bolsa, başga saýýaralylar sygyrlary alyp gaçyp, böleklere bölüp taşlap gidýärlerdi!
1970-nji ýyllardan galan bir gazetde sebitde ýaşyl yşyklar bilen gurşalan UFO görülendigini ýazanda, Şermanyñ mellek ýeri ABŞ-da meşhur boldy…
Aýdylýan hekaýat köp, emma jemläýin:
2011-nji ýyl. Ak tam amerikan hökümetinden başga saýýaralaryñ Ýere syýahat etmelerine rugsat bermegi talap edýän iki ýazmaça hata resmi jogap berdi:
“ – ABŞ hökümetiniñ saýýaramyzyñ daşynda haýsydyr bir ýaşaýşyñ bardyfyna ýa-da dünýäden daşarky barlyklaryñ adam nesliniñ haýsydyr bir wekili bilen aragatnaşyga geçendigine ýa bolmasa biziñkilerden biriniñ olar bilen aragatnaşyk açandygyna degişli hiç hili subutnama ýokdur…”
Fransiýadan Italiýa çenli birentek ýurtda UFO boýunça çekişmeler hemişe üns merkezinde boldy.
Komplimasiýany fantastikadan, habardan we real dünýäden aýyl-saýyl etmegiñ tragiki ýagdaýda mümkin däl döwründe ýaşaýarys…

## ■ MRU “UFO TOPARY”

Ufologiýa adalgasy näbelli uçýan jisimleriñ delillerini öwrenýänleriñ alyp barýan umumy işini atlandyrmak üçin ulanylýar…
"Kosmos maşynlary" 1940-njy ýyllardan soñ "Uçýan legenler" ýa-da "uçýan diskler" diýip atlandyryldy. Bu sözi ulanan ilkinji kitaplar Donald Keýo we Frank Skalli ýaly ýazyjylar tarapyndan ýazyldy. 1950-nji ýyllaryñ başynda UFO-laryñ hakykatdanam bardygyny aýdýan kitaplar iñ köp satyn alynýan kitaplaryñ sanawynsa rekord netijeleri gazandy…

“Uçýan legen” ("Uçýan tarelka") sözi 1947-nji ýyldan soň giňden ýaýrady. Şol ýyl Kenneth Arnold atly pilot Rainier dagynyň golaýynda uçýan dokuz sany jisim görendigini aýtdy.
1950-nji ýyllarda ilki tehniki edebiýatda, soňra populýar dolanşykda fenomene hala geldi.
"Sowuk urşuň" başlangyç ýyllarynda "uçýan legenler" hakynda her dürli myş-myşlar ýaýrady. Şwesiýanyň harby güýçlerinden Skandinawiýa ýurtlarynda, Fransiýada, Portugaliýada, Italiýada, Gresiýada näbelli syrly howa jisimleri barada iki müňden gowrak habarnama ýazyldy…
MRU 1951-nji ýykda "Uçýan legenler boýunça iş alyp barýan toparyny" döretdi. Özem “UFO” (“UFOB”) adalgasy 1953-nji ýylda ABŞ-nyň Howa güýçleri (USAF) tarapyndan ulanylyp "döwlet diline" aralaşdy.
Diňe ABŞ-da däl… Şwesiýada, Braziliýada, Fransiýada, Urugwaýda, Angliýada şuňa meňzeş işler amala aşyryldy…
ABŞ-nyň UFO beýannamasy bolan “Mawy kitap” we “Kondon habarbamasy” ep-esli wagt jedelleşildi. Emma UFO ylmyň esasy ugrunda o diýen bir gyzyklanma döredip durmady.
Döwletleriň ikirjiňlenmeli gümürtik ýagdaýy UFO çaklamalarynyň güýjemegine sebäp bolýar. Mysal üçin… 2010-njy ýylyň 5-nji awgustynda çap edilen iňlis çeşmelerine görä, premýer-ministr Uinston Çerçill köpçülikleýin howsala döretmeginden çekinendigi üçin UFO-ly wakalaryň üstüni örtüpdir. Çerçilliň dykgatyna ýetirilen habarnamalaryň birinde Ikinji jahan urşy tamamlanyp barýarka Fransiýadan ýa-da Germaniýadan dolanyp gelýän Korollyk Howa güýçleriniň (RAF) aňtawçy uçarynyň täsin metal "kosmos ulagyna" duşandygy aýdylýar. Jisim fotosurata alnypdyr, emma Çerçil muny halkdan gizlemegi makul bilipdir…
Jedelleriň, çekişmeleriň hiç haçanam soňy gelmez:
Iň soňky gezek "New York Times" gazetiniň 2019-njy ýylyň maý aýyndaky sanynda amerikan flotiliýasynyň 2014-nji ýylyň tomsundan 2015-nji ýylyň ýaz aýlaryna çenli ABŞ-nyň gündogar kenarlarynda näbelli jisimler bilen birnäçe gezek gabatlaşylandygy ýazyldy.

## ■ ASLYNDA NÄME GÖRÜLDI?

Ýuliý Obsekwent…
IV asyrda ýaşandygyna ynanylýan rimli ýazyjy. “Liber de Prodigiis” (Prodigies kitaby) eseriniñ awtory. Kitabyñ temasy b.e.öñki 249-njy ýyl bilen 12-nji ýyllaryñ aralygynda Rimde bolup geçen alamatlar baradady. Obsekwenkiñ kitabynyñ başga bir tarapy asmanda hereket edýän käbir zatlara ýüzlenmesidi. Bular Günbatar taryhynda ilkinji UFO habarnamalary hökmünde düşündirildi. Käbirleriniñ pikiriçe bular ýöne bir meteoritdi.
Häzirki döwrüñ UFO barlagçylary orta asyrlardan galan suratlardaky käbir dini simwollaryñ arasynda UFO habarnamalarynyñ arasynda meñzeşlikleriñ bardygyny aýdýarlar. Görşüñiz ýaly, näçe wagt geçse-de, bu baradaky çekişmeli pikirler gutarjaga meñzänok…
Pentagon geçen aý UFO-dygy aýdylýan suratlary paýlaşdy.
Meselem: 1561-nji ýylyñ 14-nji apreli.
Nýurnbergiñ ýaşaýjylary uly gara üçburçlyk jisim görendiklerini habar berdiler. Gözi bilen gören şaýatlaryñ aýtmagyna görä asmanyñ ýüzünde ýüzlerçe şarlar, silindrler we başly-barat ýüzinligine hereket edýän geñ-tañsy şekilli jisimler peýda bolupdyr.
Meselem: 1878-nji ýylyñ 25-nji ýanwary.
Ýerli daýhan Jon Martin çaltlyk bilen uçýan howa şaryna meñzeş, gap-gara kölegeli äpet jisim görendigini habar berdi. Dünýäniñ çar künjünde muña meñzeş köp sanly habarlar peýda boldy…
Müñlerçe adam 1897-nji ýyldan başlap Amerikanyñ aýry-aýry ýerlerinde "howa gämilerini"görendiklerini aýtdylar. Myş-myşlar Tomas Edisonyñ gulagyna degende, ol: "Ýalan gep-gürrüñler" diýip goýdy.
XX asyryñ başlarynda habar beriş serişdeleri giñden ýaýrap başladyçava pilotlaryñ görýändikleri aýdylýan "täsin howa gämileri" gazetleriñ baş temasyna öwrüldi.
Rus suratkeşi, ýazyjy, filosof-mistik Nikolaý Rerih ýalylar hem bu pikiri öñe sürýänlerib hataryna goşuldy: "Howada hereket edýän ýumurtga şekilli Güni ýatladýan uly we ýagty bir zat gördüm". Sene 1926-njy ýyldy.
Resmi beýannamalara görä UFO görendirin öýdýänler şulary

görýän bolarly:
– Astronomik jisimler (parlak ýyldyzlar, saýýaralar, astreoidler, meteoritler, adam eli bilen öndürilen kosmos gämileri, emeli hemralar we Aý…);
– Uçarlar (synag uçuşlary we beýleki uçarlar, dikuçarlar…);
– Şarlar, alonlar (oýnawaç şarlar, howa şarlary, uly ylmy-barlag şarlary…);
– Beýlekileri guşlar, adatdan daşary bulutlar, batbörekler, signal salýutlary, ýagtylyk fenomeni salgymlary, kompleksleýin ýyldyrymlar, aý itleri, prožektorlar, beýleki ýer çyralary we başgalar…
Tom-tom kitap ýazsañ bu gürrüñleriñ soñuna çykyp bolmaz…
Özümden mysal: Erik won Danikeniñ kitaplaryny ýaşlygymda elimden düşürmezdim!

Soner ÝALÇYN,
"Sözcü" gazetiniñ žurnalisti, ýazyjy. Geň-taňsy wakalar